# Maşgala agşamlygy / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Maşgala agşamlygy / hekaýa MAŞGALA AGŞAMLYGY




Fugu balygy Ýaponiýanyň kenarlarynda, Ýuwaş ummanda tutulýar. Onuň bilen ikimiziň aramyz üýtgeşik. Ejem ondan zäherlenip öldi. Zäher, fugunyň jynsy mäzlerinde, iki sany ýiukajyk haltajykda ýerleşýär. Olary biçak seresaplylyk bilen aýyrmaly – sähelçe ebeteýsiz elläýdigiň, olar ýyrtylýar-da, awy ýumry ete düşýär. Haýp, olary aýyrmagyň şowunadygyny barlamak müşgil. Usuly hemmä mälim – balygy iýýäň, onsoň näme bolsa şol bolsun.
Fugunyň awusy bilen zäherlenen, ahyry ajal bilen bilen tamamlanýan aýylganç güzaplara sezewar bolýar. Eger-de zäherli balygy agşamlyk naharyna iýseň, yza gije başlaýar. Pida, birnäçe sagatlap ezýetde urunýar-da, irdenem ölýär. Bu balyga bolan nysak Ýaponiýa uruşdan soň giňden ýaýrady. Tä berk çäklendirmeleri girizýänçälerem, balygy arassalamagyň howply töwekgelligini öz aşhanaňda geçirmek, meýlise-de dostlaryňdyr goňşularyňy çagyrmak aňrybaşy jalaýlyk hasaplanýardy.
Ejem aradan çykanda, men Kaliforniýada ýaşaýardym. Ata-enem bilen meniň aram özüne ýetik dartgynlydy, şoň üçinem onuň ölüminiň jikme-jiklikleri maňa diňe iki ýyl soňra, men Tokio dolanyp gelenimden soň mälim boldy. Ejem hiç haçan fugu iýmeýärdi, ýöne şol sapar özüni çagyran mekdep jorasynyň göwnüne degesi gelmän, şonuň hatyrasyna iýipdir. Maňa bu zatlary howa menzilinden öýümize, Kamakura barýan ýolda kakam gürrüň berdi.
Biz ahyrsoňy gelenimizde, güneşli güýz güni eýýäm ýaşyp gelýärdi.

-Sen uçarda iýip-içdiňmi?-diýip kakam sorady.
Biz, çaý otagda, tatamide otyrdyk.
-Hawa, bize ýeňiljek işdälikleri berdiler.
-Sen, megerem, açsyň. Ine Kikuko geler, onsoň agşamlyk edineris.
Kakamyň sypaty göze gelimlidi – daşeňek, zabun bürüşdirilen, gara gaşlar. Indi geçmişe ser salyp, men ony Çžou En-Laýa juda meňzeş hasaplaýaryn, ýöne, dogrusy, onuň öz-ä bu kybapdaşlyga begenmezdi: ol biziň damarymyzda samuraýlaryň asylly ganynyň akýandygyna buýsanýardy. Kakamyň ýoldaşlygy aramyzda mesana söhbetdeşlige höwes etdirmeýärdi, üstesine onuň edäheti – hamana özi iň soňky derejedäki hakykaty aýanlyk inderýän ýaly gepleýär. Ine şu wagtam, onuň gabat-garşysynda oturyşyma, onuň çagalykda bir gezek, “lakgy kempiriňki ýaly dilimiň dek durmaýany üçin”, maňa şarpyk baryny çalandygy ýadyma düşdi. Şol sebäpli biziň gürrüňimiziň ýygy-ýygydan uzyn arakesmeler bilen kesilýändigi geňem däl.
-Siziň kärhanaňyz hakda eşitmek gussaly boldy,-diýip men uzaga çeken dymyşlykdan soň dillendim.
Kakam tutuksy baş atdy.
-Hakykatda bu-da hemmesi däl,-diýip ol hümürdedi:-Kärhanamyz batanda Watanabe özüni heläkledi. Masgaraçylyga çydap bilmedi.
-Gör ony.
-On ýedi ýyl biz bilelikde iş alyp bardyk. Ol namysyň hem berk düzgünleriň adamsydy. Men oňa juda hormat goýýardym.
-Siz ýene-de täjirçilik bilen meşgullanmakçymy?-diýip men soradym.
-Men… men işlerden çete çekildim. Garradymam, indi hemme zady täzeden başlamaga gurbatym ýok. Onsoňam, işlerem indi öňküler ýaly alnyp barylmaýar. Çet ýurtlular bilen guýruk bulaşýarlar. Olaryň tüýdügine raks oýnaýarlar. Nädip biz bu derejä ýetdik, düşünemok. Watanabe-de düşünmeýärdi.-Kaka uludan dem aldy:-Ajaýyp ynsandy. Berk düzgünleriň adamsy.
Çaý otagynyň gapysy baga bakýar. Men oturan ýerimden gür ýapragyň arasyndan köne guýuny saýgaryp bilýän. Oglanjykkam men onda salgym-ruhlaryň ýaşaýandygyna ynanýardym. Gün ýaşyp barýar, bagam kölegä bürenýär.
-Ýeri bolýar, men seniň dolananyňa şat,-diýip kakam aýtdy:-Umyt edýän, uzak wagtadyr-la?!
-Bilemok. Heniz çözmedim.
-Men-ä könäni unutmaga taýýar. Ejeňem seni begenip kabul

ederdi. Sen ony biçak ynjydanam bolsaň…
-Kaka, maňa siziň duýgudaşlygyňyz gymmatly. Emma, entek meniň özümem näme etjegimi bilmeýärin.
-Indi men düşünýän, seniň kelläňde hiç hili erbetligiň bolmandygyna,-diýip ol dowam edýärdi:-Sen… kesekiň täsirine düşdüň. Diňe seniň ýeke özüňem däl.
-Belki, çyndanam könäni dörmeris, hä?
-Goý seniň aýdanyň bolsun. Ýene çaý içjekmi?
Şol pille-de içerde gyz sesi ýaňlanyp gitdi.
-Ahyrsoňy,-diýip kakam, dikelip barşyna seslendi:-Kikuko geldi.
Ýaş tapawudymyza garamazdan, uýam ikimiz hemişe-de dostanadyk. Ol meni görüp şeýlebir begendi welin, düzüwli gepläbem bilmän, tolgunmaly kikirdedi durdy. Kakam ondan Osaka, uniwersitet hakda soraşdyryp ugrandan soň ol assa-ýuwaş köşeşdi. Ol oňa keltejikden edepli jogap gaýtarýardy. Soň uýam maňa sorag bermäge başlady, ýöne onuň atdanlykda gadagan zatlara galtaşmakdan ýaýdanýandygy syzylýardy. Gürrüň Kikuko gelmezinden öňdäkidenem beter el-hal bolup ugrady. Ahyrsoňy kakam:
-Agşamlygyň aladasyny etmeli. Munuň bilen meşgullanmaly bolýanyna bagyşla. Kikuko ýanyňda bolar.-diýen sözler bilen ýerinden turdy.
Kakam çykan badyna uýam ýeňillik bilen dem aldy. Minutam geçmänkä ol eýýäm özüniň Osakadaky joralary, uniwersitetdäki dersler hakynda ýaňramaga başlady. Soňam birdenkä bize bagda seýil etmegiň gerekdigi kellesine geldi-de, bökjekläp dalana ylgady. Biz germewiň ýanynda duran saman sandallary geýdik-de, baga çykdyk. Iňrik mazaly goýaldy.
-Ölüp barýan – çilim çekesim gelýär, şujagaz ýarym sagada zordan çydaýdym,-diýip Kikuko, çilimini otlap durşuna hümürdedi.
-Onda näme öň çilim otlamadyň?
Ol gözleri bilen öýe ümledi-de, ýeser gülümsiredi.
-Hä-ä, düşnükli,-diýip men aýtdym.
-Diňle, a meniň eýýäm dostum bar!
-Aý goý-a?
-Ýöne näme etjegimi bilemok. Hiç çözüp bilemok.
-Bu düşnükli-le.
-Ol Amerika gitmekçi. Meniňem okuwymy tamamlanymdan soň özi bilen gitmegimi isleýär.

-A sen? Sen Amerika gidesiň gelýärmi?
-Biz o ýerde, elbetde, hemme ýere ugurdaş ulagçylyk bilen gider ýöreris.-Kikuko elini uzatdy-da, başam barmagyny ýokaryk galdyrdy:-Aýtmaklaryna görä bu howplumyş, a men bolsa Osakada nijeme sapar şeýle gitdim, hiç zadam ýok, gaýta bijaý bet.
-Ýeri, onda seni iňkise goýýan zat näme?
Biz, köne guýa eltýän, çogdum gyrymsylyklaryň arasy bilen sap atýan, darajyk ýodajyk bilen ýöräp barýardyk. Kikuko elinden çilimini sypdyrman, birsyhlam ondan suratlaç sorýardy.
-Bilýäňmi, Osakada maňa ýaraýar. Dostlardan dos-doly. Olary taşlamak islämok. Suiçi bolsa… Ol gelşiklije, emma elmydama diňe ýekeje şoň bilen bolmak… Bilemok-da. Sen düşünýäňmi?
-Dagy nä.
Ol ýene ernini gyşartdy-da, bökjekläp guýa garşy ylgady.
-Ýadyňa düşýärmi,-diýip ol, men ýanyna baranymda dil ýardy:-sen mydama gaýtalar ýörerdiň, bu ýerde salgym-ruh ýaşaýar diýip?
-Ýadymda.
Biz guýa garadyk.
-Ejem bolsa aýdýardy, bu hiç hilem salgym däl. Şol sapar gije bolsa sen bärde gökçi kempiri görüpsiň,-diýip uýam aýtdy:-Emma men oňa ynanmaýardym, hiç haçana bärik ýeke özüm gelmeýärdim.
-Ejem muny maňa-da aýdardy. Hamana, ol kempiriň özi boýun alypmyş. Hamana, biziň bagymyzdan gönüläp barýan ekeni. Göz öňüme getirýän, onuň nädip haýatdan aşyp geçişini.
Kikuko pyňkyrdy. Soňam guýa arkasyny öwürdi-de, baga göz aýlady.
-Ejem hiç haçanam seni çyny bilen günälemedi,-diýip ol, düýbünden başga äheňde gürledi. Men dymýardym:-Köplenjem ol kakam ikisiniň özleriniň günäkärdigini aýdardy – seni erbet terbiýeläpmişler. Maňa bolsa has köp üns beripdirler, şonuň üçinem men ine şeýle gowuja bolup ýetişipdirin. – Ol maňa gözlerini göterdi. Garagol gülümsireme onuň keşbinde oýnaýar: – Pahyrjyk ejem,-diýip, ol birsellem dymandan soň dillendi.
-Hawa. Pahyrjyk ejem.
-Sen Kaliforniýa dolanjakmy?
-Bilemok. Göreris.
-A oňa… näme boldy? Wikä?
-Munuň bilen gutardy,-diýip men aýtdym:-Kaliforniýada meni indiden beýläk hiç zat saklamaýar.
-A maňa bolsa Amerika gitmek gerekmikä, sen nähili pikir

edýäň?
-A näme üçin ýok? Bilemok. Saňa, megerem, o ýerde ýarar. – Men öýe gaňryldym: – Ýör hany, nä, belki yzymyza dolanarys? Mümkin, kakama agşamlyk bilen kömek etmek gerekdir.
Emma uýam guýyň erňeginden egildi.
-Hiç hili salgymlary göremok,-diýip ol hümürdedi. Ses ysgynsyz ýaň bolup jogap berdi.
-A näme, kakam kärhanaň batmagy bilen bagly öte serimsalmy?
-Bilemok. Oňa düşünmersiň. – Ol birdenkä dikeldi-de, maňa öwrüldi: – Ol saňa goja Watanabe barada gürrüň berdimi? Bilýäňmi onuň näme edendigini?
-Aýdyşlaryna görä özüne kast edipdir.
-Ondanam beteri. Ol tutuş maşgalasynam o dünýä gönedripdir. Aýalyny, iki sany kiçijik gyzyny.
-Aý goý-a?
-Şeýle naşyja gyzjagazlardy. Ol, olar uklap ýatyrkalar gazy açypdyr. Soň bolsa öz garnyny aşpyçak bilen parsa kesipdir.
-Şondandyr-la, kakam aýdýar: “Watanabe – berk düzgünleriň adamsy”.
-Psihopat. – Uýam ýene-de guýa garady.
-Seresap. Ýogsa gaçarsyň.
-Hiç hili salgymlary göremok,-diýip ol gaýtalady:-Sen meni şunça wagtlap aldap gelipsiň.
-Men saňa ol guýuda ýaşaýar diýip aýtmadym.
-Onda ol nirede?
Biz ýene-de baga gözden geçirdik. Gündiziň öçmegine sähelçe. Men, özümizden on ädim daşlykdaky, çogdum gyrymsylygyň arasyndaky kindiwanja yşy görkezdim.
-Hanha, hol ýerde. Hol ýerde men ony gördüm.
Biz ýagty alaň-açyklyga seredýärdik.
-Ol nähilidi?
-Ibaly synlamadym. Garaňkydy.
-Ýöne sen näme-de bolsa bir zatlary saýgaryp ýetişensiň-ä?
-Men aýdýan-a – kempir. Hanha hol ýerde durdy, sypdyrmanam meni yzarlaýardy.
Biz dogalanan dek gyrymsylykdan azat, alaň-açyklykdan gözümizi aýryp bilmeýärdik.
-Ak kimonoly,-diýip men aýtdym:-Saçynyň birnäçe çokuly topbakdan çözülipdir, şemalam olary tüýdýär.
Kikuko meni tirsegi bilen itdi:
-Ýeri, besdir. Sen ýene-de meni gorkuzmak isleýärsiň.

Ol çilimiň galyndysyny basgylady, aýak astyna tiňkesini dikip, oýurganyp birneme durdy. Bir depende galyndyny sosna tikenlerine dykdy, ýene ýylgyrdy.
-Ýör, o ýerde agşamlygyň haly niçik, göreli,-diýdi.
Kakam aşhanada eken. Ol meşgul pişesinden aýrylman bize gözüniň gyýtagyny aýlady.
-Kakam hakyky aşpez bolupdyr,-diýip Kikuko gülüp aýtdy:-Özi bikelik edip başlaly bäri.
Kakam oňa sowuklaç äňetdi.
-Bu ýerde buýsanara näme bar?-diýdi:-Gel hany, maňa kömekleş.
Uýam sägindi. Soň tekjä tarap ädip, çelegiň sapyndan asylgy öňlügi aldy.
-Gök önümleri gaýnadaýmak galdy,-diýip kakam oňa habar berdi:-hem-de plitanyň üstündäkilere esewan etmek.
Ol başyny göterdi-de, maňa sähel salym gümürtik garaýyş bilen seredip durdy.
-Pikir edýän, saňa öýe göz aýlamak gyzykly bolar,-diýip ol ahbetin dillendi. Şoňa çenli elinde saklap duran nahar taýajyklaryny goýdy:-Sen bärde haçandan bäri bolmandyň.
Işikde men gaňryldym, ýöne Kikuko bize arkasyny öwrüp durdy.
-Gowuja gyz om-diýip kakam dil ýardy.
Ol meni otagdan otaga aýlaýardy. Men bolsa munuň nähili ullakan öýdüginem ýadymdan çykarypdyryn ekenim. Süýşürilýän diwarçalar tyrpýar, indiki otag açylýar. Hemme ýerde haýran galaýmaly boşluk. Otaglaryň birinde çyra ýanmady, ýöne penjirelerden düşýän ölügsi ýagta, şol bir ýalaňaç diwarlardyr tatami agaryp görünýär.
-Bir adam üçin öý çakdanaşa uly,-diýdi, kakam:-Bu otaglara men indi kellämem uzadamok.
Ahyry ol kitapdyr kagyzdan hyryn-dykyn otagyň gapysyny açdy. Gülli güldanlar, diwarlarda – suratlar. Nämedir bir zadam künçdäki pessejik stoljukda dur. Men ýakynraga baranymda gördüm – bu oglanjyklaryň ýelimleýän linkorynyň plastmassa nusgalygy eken. Ol gazetiň üstünde durdy; töwereginde çal plastmassa bölejikleri pytrap ýatyr.
Kakam gülümsiredi. Stola golaýlap, nusgalygy eline aldy.
-Haçan-da kärhanamyz ýatyrylansoň,-diýdi ol:-meniň boş wagtym köpeldi. – Ol ýene-de güldi welin, onuň gülküsinde maňa nähilidir birhili täsinlik eşidildi. Demsalymlyk onuň keşbine mähre ýakyn bir zat çaýyldy:-Biraz artygrak boş wagtym.
-Ynanar ýaly däl,-diýdim, men:-Siz hemişe şeýle işlidiňiz.

-Megerem, gereginden has artyk bolandyryn. – Ol maňa bakdy-da, husyt ýylgyrdy:-Maňa has aladaçyl ata bolmak gerek bolan bolmaly, megerem.
Men güldüm. Ol oýurganyp linkory synlaýardy. Soňam gözlerini göterdi.
-Men saňa aýtmak islemedim, ýöne, megerem aýdanyň gowy bolaýmasa. Pikir edýän, seniň ejeň ölümi tötänlik däl bolmaly. Onuň gam-gussasy kändi. Göwnigeçmelerem…
Indi biziň ikimizem plastmassadan gämijige dikilip durduk.
-Emma, ejemjan garaşan däldir ahyry,-diýip ahyrsoňy men dillendim:-meniň bärde hemişelik galmagyma…
-Görýän welin, seniň düşüneňok. Düşüneňok, ata-enäň ýagdaýynyň nähilidigine. Çagalaryňy ýitirýäniň-ä iň bärkisi. Ýöne olary nämäň hatyrasyna ýitirýärsiň – ine sorag. – Ol gämijigi elinde öwrüşdirdi:-Şujagaz gaýyjaklary has gowrak ýelimlemeli öýdýän, sen nähili pikir edýäň?
-Mümkin. Ýöne, aslyýetinde, meniň göwnüm-ä gaty gowy bolupdyr.
-Uruş döwründe, belli bir wagt men ine şuňa meňzeş gämide gulluk etdim. Emma elmydama awiasiýa barada arzuw edip geçdim. Ine şeýle göz öňüme getirýärdim: duşman seniň gämiňi gark etse, onda saňa diňe suwda kelemenläp, özüňi halas ederlerine umyt edäýmek galýar. Uçar bolsa – başga gep, ol ýerde mydama-da soňky saýlawyňy amal etmäge mümkinçilik bar. – Ol gämijigi stolda goýdy: – Megerem, uruş seniň üçin – boş owazdyr.
-Umuman, hawa.
Ol otagy birlaý gözden geçirdi.
-Agşamlyk, megerem taýýardyr,-diýdi:-Sen, çak edýän, ajygansyň.
Saçak, aşhananyň ýanyndaky ysgynsyz yşykly otagda taýýarlanypdyr. Ýeke-täk ýagtylyk çeşmesi – stoluň ýokarysyndaky uly çyra; galan zat kölegede. Biz biri-birimize baş egdik-de, nahar iýmäge başladyk.
Saçagyň başynda az gepleşildi. Men sypaýyçylyk bilen tagamy tarypladym, Kikuko maňa jogap hökmünde diňe kikirdedi. Oňa ýene-de ilkibaşky jan girmesi dolanyp gelen ýaly boldy. Kakam birnäçe minutlap dymdy.
-Saňa, megerem, özüň ýene-de Ýaponiýadadygyň birneme geňdir,-diýip ol ahyry dillendi.
-Hawa, dogrusy, biraz geňräk.
-Megerem, eýýäm Amerikadan gaýdanyňa ökünýänsiňem.
-Sähelçe. O ýerde meniň hiç zadym galmady. Diňe ýalaňaç

diwarlar.
-Düşünýän.
Men stol üstaşyr oňa bakdym. Ölügsi ýagtyda onuň ýüzi gataňsy hem gazaplydy. Dymyşlyk dowam edýär.
Birdenkä men otagyň çuňunda nämedir bir zady gördüm. Ilki iýmegimi dowam etdim, emma soň elim taýajykly doňup galypdyryn. Kakam bilen uýam muny gördüler, maňa geňirgenip garadylar. A men bolsa kakamyň arkasyndaky alagaraňkylyga dikilip, doňup otyrdym.
-Kim bu? Hanha, hol fotosuratda?
-Haýsy fotosuratda?-diýip kakam, meniň nirä seredýändigime düşünmek üçin gaňryldy.
-Iň aşakda. Ak kimonoly kempir.
Kakam taýajyklary goýdy. Fotosurata seretdi, soňam maňa.
-Bu seniň ejeň,-diýip hyrsyz hüňürdedi:-Sen näme, öz ejeňi tanaňokmy?
-Ejem… Düşünýäňizmi, garaňky. Hiç zat görünmeýär.
Birnäçe sekuntlap hemmeler dymdy. Soňra Kikuko turdy.
Diwardan fotosuraty alyp, maňa uzatdy.
-Bärde ol has uly görünýär,-diýdim.
-Bu onuň amanadyny tabşyrmazynyň öň ýanynda,-diýdi, kakam.
-Garaňky. Men doly saýgarmandyryn.
Men gözümi göterenimde kakamyň elini uzadýandygyny gördüm. Men oňa fotosuraty berdim. Ol oňa siňňitli seretdi-de, Kikuko geçirdi. Uýam sadyklyk bilen dikelip, fotosuraty ýerinden asdy.
Stoluň ortasynda, gapak ýapylgy, uly piti durdy. Kikuko ýene-de oturanda kakam ümzügini öňe atyp, gapagyny aýyrdy. Onuň astyndan bug bulutjygy zomap çykdy-da, towlanjyrap, çyra garşy göterildi. Kakam pitini maňa garşy süýşürdi.
-Pikir edýän, sen doýmadyň,-diýdi. Onuň ýarty ýüzi kölegededi.
-Minnetdar. – Men taýajyklary golçajyga ýetirdim. Bug barmaklarymy ýakdy:-Bu näme?
-Balyk.
-Tagamly ysy bar.
Çorbada tas logalajyga öwrülen balyk dogramçalary ýüzüşip ýördi. Men olaryň birini çykardym-da, öz okarajygyma goýdum.
-Al ýene. Bärde kän.
-Sag boluň.
Men özüme ýene-de alyndym-da, pitini kakama süýşürdim. Onuň öz okarajygyna balyk goýuşyny synladym – birnäçe dogramça. Ikimiz

Kikuko-da özüne paýyny alýança garaşdyk.
Kakam maňa baş egdi.
-Pikir edýän, sen ajygansyň,-diýip ol ýene-de aýtdy. Soňra balyk dogramçasyny agzyna salyp çeýnemäge başlady.
Şonda menem bölejigini saýlap aldym-da, ony agzyma atdy. Balyk agzyňda eräp barýan ýumşajykdy. Biz ses-selemsiz iýip-içýärdik. Ýene-de birnäçe minut geçdi. Kakam ýene gapagy galdyrdy welin, ýene bug çykdy. Hemmeler özlerine ýene alyndylar.
-Soňky lukma siziňki,-diýip men kakama hödürledim.
-Minnetdar.
Biz nahardan boldum edenimizden soň, kakam dokluk bilen pallady-da, gernip, diýdi:
-Kikuko, bize çaý demlesene, haýyş edýän.
Uýam oňa äňetdi-de, sessiz çykdy. Kakam turdy.
-Ýör hany, başga otaga geçeli. Bu taýy yssyrak.
Men dikeldim-de, onuň yzyna düşüp, çaý otagyna geçdim. Uly, syrylýan penjireler açykdy, bagdan şemaljyk öwüsýärdi. Biz dymşyp otyrdyk.
-Kaka,-diýip men ahyry dillendim.
-Hawa?
-Kikuko, Watanabe-sanyň tutuş maşgalasyny öldürendigini aýdýar.
Kakam gabagyny sallady-da, baş atdy. Göwnüňe bolmasa, ol çuň oýa batan ýalydy.
-Watanabe işe jany-teni bilen, biçak berlendi,-diýip ol birhaýukdan soň hümürdedi:-Kärhananyň batmagy onuň üçin aýylganç urgy boldy. Çak edýän, şolam oňa ýaman erbet täsir edendir.
-Siz pikir edýäňiz, onuň eden işi… Bu ýalňyşlykmy?
-Elbetde. A sen näme başgaça pikir edýäňmi?
-Ýok-ýok. Elbetde ýok.
-Dünýäde işden başga-da iňňän köp zatlar bar,-diýdi kakam:-Hawa.
Biz ýene-de dymdyk. Bagdan çyrlaklaryň çyrryldysy gelýär. Men penjiräň aňyrsyndaky tümlüge seretdim. Guýy görnenok.
-Sen indi näme etmek isleýärsiň?-diýdi kakam:-Häzirlikçe Ýaponiýada galmakçymy?
-Rastymy aýtsam, men entek onuň ýaly uzaklara seretmändim.
-Eger-de bärde galmak isleseň – men aýtmak isleýän, şu öýde, – onda baş üstüne, ýaşaber. Eger-de, elbetde, saňa, garry bilen

ýaşamak ýaraýan bolsa.
-Size minnetdarlyk bildirýän. Bu barada ölçerip-dökmek gerek.
Men ýene-de penjiräniň aňyrsyndaky tümlüge garadym.
-Ýöne, dogry,-diýdi kakam:-indi öýde tukatlyk… Şübhelenemok, sen bahym Amerika dolanarsyň.
-Mümkin. Häzirlikçe bilemok.
-Şübhelenemok, dolanarsyň.
Kakam, dyzynda çilşiren ellerine seredip dymýar. Soň gözlerini göterip, uludan dem aldy.
-Geljek ýazda Kikuko uniwersiteti tamamlaýar,-diýdi:-Belki, ol öýe göçüp gelmäge meýil eder. Ol gowuja gyzjagaz.
-Belki, meýil ederem.
-Şonda birneme ýeňlär-le.
-Hawa, hemme zat düzeler, men ynanýan.
Biz, Kikukonyň çaý getirerine garaşyp, ýene-de dym-dyrslyga çümdük.



© *Kadzuo Isiguro* Hekaýalar